***Çaga tebigat baradaky düşünjeleri bermekde, ilki bilen, maşgalada, soňra çagalar baglarynda alnan terbiýäniň orny örän uludyr. Şoňa görä-de, mekdebe çenli çagalar edaralarynda Gün pursatlarynda çagalara yzygiderli tebigat baradaky düşünjeler berilýär. Şol günki howanyň ýagdaýy, paslyň aýratynlyklary, tebigatyň özboluşly häsiýetleri baradaky söhbetler gezelençlerde, bäsleşiklerde we gyzyklanma çärelerinde aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.***

Biz hem çagalar bakja-bagymyzda daş-töwerek we tebigat bilen tanyşmak sapaklarynda, gezelenç pursatlarynda, zähmet işinde we beýleki okuw-terbiýeçilik çärelerinde körpelere tebigata söýgi döredýäris. Şeýlelikde, tebigatymyzyň owadanlygy, ekologiýa abadançylygy, oňa goşant goşmak hakyndaky ilkinji duýgy-düşünjeler terbiýelenýär.

Sapaklarda baglar, güller, ösümlikler, daş-töweregiň ekologiýa gurşawy hakynda düşünjeleri bermekde tebigy we elde ýasalan okuw-görkezme esbaplardan peýdalanýarys. Bäsleşikler arkaly bolsa çagalar bilen tebigatyň, ekologiýa gözelliginiň suratyny çekmek, goşgular, çeper çykyşlar bilen wasp etmek ýaly çäreler geçirilýär. Çagalar tebigatymyzy, arassa asmany, Güneşi, bagtyýar çagalygy, ene topragy wasp edip goşgy okasalar, çeken suratlary bilen türkmen tebigatynyň baglaryny, daglaryny, sähralaryny şekile geçirýärler. Bakja-bagymyzda guralýan gyzyklanma çärelerde we göwnaçmalarda hem tebigy ugurly çäreler göz öňünde tutulýar. Onda haýwanjyklar, ösümlikler bilen bagly ekran eserlerine tomaşa etmek, şüweleňi, oýunlar ýerine ýetirilýär. Şeýle gyzyklanma çäreleriň üsti bilen hem körpe nesliň tebigyat we ekologiýa babatdaky terbiýesi pugtalandyrylýar. Şeýle okuw-terbiýeçilik işlerinde, ata-eneler bilen geçirilýän söhbetdeşliklerde çagalar bakja-bagymyzyň pedagogik işgärleri, terbiýeçileri, daşary ýurt dilleri mugallymlar, aýdym-saz ýolbaşçysy bilelikde çagalara mynasyp sowat öwredýärler we terbiýeleýärler. Bu işleriň sazlaşykly guralmagynda terbiýeçi-usulyýetçimiz Akjemal Jumalowa ähli bilim işgärlerine usuly kömek berip, ýaş hünärmenleriň  tejribeleriniň artmagyna itergi berýär.

Ýeri gelende bellesek, bakja-bagymyzyň daş-töweregine baglary we gülleri ekmek bilen ýurdumyzyň ekologiýa syýasatyna goşant goşmaga çalyşýarys. Şunda ähli enjamçy işgärlerimiziň uly tagallalary bardyr. Ähli işgärler bilen birlikde hojalyk düzüminiň işgärleri yhlasly zähmetleri bilen bakja-bagymyzyň bagy-bossanlyga we gülzarlyga beslenmegini gazanýarlar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen nesliniň milli düşünjeli, tebigatyny söýýän, onuň gözelligine, daşky gurşawa aýawly garaýan edep-terbiýeli keşbini kemala getirmekde mekdebe çenli çagalar edaralarynda okuw-terbiýeçilik işlerini talabalaýyk alyp barmaga döredilýän uly mümkinçilikler üçin Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Nurjemal ÝALKABOWA,**
**Ýolöten etrabynyň 9-njy çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены